# Ýowuz hasabat

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 23 января, 2025
Ýowuz hasabat ÝOWUZ HASABAT

Häzir söze kän bir ynanmaýarlar,
Ynam sütünleri jaýrylyp galdy.
Neslimizi dowam etjek aýallar,
Pagta frontynda maýrylyp galdy.

Ýer goýmadyk bäş-üç dowat sürmäge,
Gözümiz zar towşan, sülgün görmäge.
Dumly-duşda bir arkañy gyrmaga,
Himiki dökünden baýyrlyk galdy.

«Dillilikden» gowy görüldi «lallyk»,
Kim göterer, küle gaçdy halallyk?!
Ornuna loluluk, mekirlik-allyk,
Çemeçillik, ogry-jümrülik galdy.

Köşk-binalar kany, gadymdan gelýän,
Ýykdylar, köpelip ateist bolýan.
Ýykylmadyklary garaşyk bolman,
Ýagyşdyr-ýagmyra ýumrulyp galdy.

Saýgaryp bilmedik garany-agy,
Tohap edenimiz özgäniñ tugy,
Arandygy üçin milli hukugy,
Köpler iş ornundan aýrylyp galdy.

Baýdaklaryñ gury pasyr-pasyry
bilen
Soñlap barýas uly asyry,
Mundan beýläk aýbymyzy basyryp
ýörmän,
Düzetmäge dogrulyk galdy.

Hemra ŞIR. Goşgular